Tukmence - Promises Scriptures

Gelip Çykyş 20:6 Hudaý Abymelege düýşünde şeýle diýdi: «Seniň muny päk ýürekden edendigiňi Men bilýärin. Seni Özüme garşy günä etmeklikden saklan Mendirin. Şonuň üçin seniň oňa el urmagyňa ygtyýar bermedim.

Müsürden Çykyş 35:21,26 Her kim ýüreginden besläp, göwnünden çykaranyny Rebbe ýüz tutulýan çadyr üçin, onuň hyzmaty üçin we mukaddes lybaslar üçin Rebbe sadaka getirdiler. 26 Ýüreklerine salnan ähli başarjaň aýallar geçiniň ýüňünden hem ýüplük ördüler.

Çölde 10:35 Her sapar Äht sandygy ýola düşende, Musa şeýle diýerdi: «Galkyn, eý, Reb! Goý, duşmanlaryň dargasyn, Seni ýigrenýänler Seniň öňüňden gaçsyn».

Kanun Taglymaty 2:25 Şu günden başlap, Men ýer ýüzündäki ähli halkyň üstünden gorky we howp salaryn. Seniň adyňy eşidenlerinde, olar gorkudan ýaňa titreşer durarlar“».

Kanun Taglymaty 9:3 Bu gün muny bilip goýuň, ýakyp ýok edýän ot kimin Hudaýyňyz Rebbiň Özi siziň öňüňizden geçer. Rebbiň Özi olary gyryp, size boýun egdirer. Şonda Rebbiň söz berşi ýaly, siz olary kowup çykaryp, derrew ýok edersiňiz.

Ýeşuwa 2:9 we olara şeýle diýdi: «Rebbiň bu ýurdy size berendigini men bilýä-rin. Bizi gorky gurşap aldy we bu ýeriň ähli ilaty siz sebäpli dowla düşdi.

1 Şamuwel 17:48,50 Piliştli Dawuda golaýlaşanda, Dawut ol piliştli bilen uruşmak üçin, söweş meýdanyna tarap batly ylgap gitdi. 50 Gylyçsyz, sapan hem-de daş bilen Dawut piliştliden üstün çykdy – ony urup öldürdi.

Ester 8:17 Her welaýatda, her şäherde, patyşanyň tabşyrygynyň, permanynyň gowşan ähli ýerinde ýahudalar şatlanyp, begenip, toý-meýlis, baýram etdiler. Ýahudalardan gorkularyna ýurduň halklarynyň köpüsi ýahudalara goşuldylar.

Eýýup 29:14 Dogruçyllygy eşik kimin geýdim, Ol meni örtdi; Adalatym bolsa don we selle kimindi.

Süleýmanyň Pähimleri 13:11,22 Dogruçyllaryň dileginden şäher belende galýar ýaramazlaryň dilinden ol weýran bolýar. 22 Salykatlylykdan ýüz öwren görmegeý aýalyň ýagdaýy doňzuň burnuna dakylan altyn ysyrga ýalydyr.

Süleýmanyň Pähimleri 22:22,23 Garyby garyplygy sebäpli talama, mätäji mejlisde ezme. 23 Çünki olaryň tarapyny Reb tutar, olary talany Ol talar.

Işaýa 35:8 Ol ýerde şaýol bolar, oňa Mukaddes Ýol diýler; Murdar adam ondan geçmez, ol diňe şol Ýola golaý ýaşaýanlaryňky bolar, hatda akmaklar-da ol ýoldan azaşmaz.

Işaýa 43:2 Seniň bilen bolaryn suwlardan geçeniňde, derýalardan geçeniňde, seni gark etmez olar, oduň içinden ýöräniňde ýanmarsyň, ýalyn ýakmaz

seni.

Işaýa 49:25 Emma Reb şeýle diýýär: «Hatda güýçlüleriň ýesirleri ellerinden alnar, zalymlaryň alan oljasy halas ediler; Men saňa garşy durana garşy durup, çagalaryňy halas ederin.

Işaýa 54:17 Seniň garşyňa ýasalan ýarag derde ýaramaz, hökümde garşyňa çykýan her dili aýyplarsyň. Rebbiň bendeleriniň mirasy şudur, Men olary aklaryn» diýýär Reb.

Işaýa 59:17,19 Ol dogrulygy sowut kimin geýindi, halas ediş tuwalgasyny başyna geýdi; öç alyş lybasyna bürendi, gazap donuny geýdi. 19 Günbatardakylar Rebbiň adyndan, gündogardakylar Onuň şöhratyndan gorkarlar. Çünki Reb ýel kowalaýan dag sili deý geler.

Işaýa 61:10 Rebde şatlanaryn Men, janym Hudaýymda joşar, çünki Ol maňa gutulyşa beslensin, giýewiň täç geýişi dek, gelniň şaý-sep bilen bezenişi deý, Meni dogrulyk dony bilen örtdi.

Ezekiýel 22:30 Ýurdy heläk etmezligim üçin diwary täzeden bejerip, onuň gädiginde ýurt üçin öňümde durup biljek bir adam agtardym, ýöne tapyp bilmedim.

Ezekiýel 45:8 Bu Ysraýylda hökümdaryň mülki bolar. Mundan beýläk Meniň hökümdarlarym halkyma zulum etmezler, ýeri ysraýyl halkyna tirelerine görä paýlarlar.

Danyýel 4:16(13) Onuň ynsan ýüregi alnyp, deregine haýwan ýüregi berilsin. Onuň üstünden ýedi pasyl aýlansyn.

Danyýel 7:4 Birinjisi ýolbarsa meňzeýärdi we onda bürgüdiň ganatlary bardy. Men seredip durkam, onuň ganatlary goparylyp, ýerden galdy-da, ynsan ýaly iki aýagynyň üstünde durdy. Oňa ynsan ýüregi berildi.

Zakarýa 4:6 Ol maňa şeýle diýdi: «Bu Rebbiň Zerubabyla: „Güýç we zorluk bilen däl-de, diňe Meniň ruhum bilen iş bitirersiň“ diýen sözi. Muny Hökmürowan Reb diýýär.

Mattanyň Hoş Habary 24:22 Ol günler gysgaldylmadyk bolsady, onda, hiç kim halas bolmazdy, ýöne saýlananlaryň hatyrasyna ol günler gysgaldylar.

Mattanyň Hoş Habary 26:41 Synaga düşmez ýaly oýa boluň, doga ediň. Ruh islegli, ýöne ten ejizdir».

Markusyň Hoş Habary 10:48-52 Köp adamlar sesini çykarmasyn diýip, oňa käýediler, emma ol öňküden hem gaty ses bilen: «Eý, Dawut Ogly! Maňa rehim et!» diýip gygyrdy. 49 Isa aýak çekip: «Ony çagyryň» diýdi. Köri çagyryp oňa: «Batyr bol, tur, seni çagyrýar» diýdiler. 50 Ol hem donuny taşlap turdy-da, Isanyň ýanyna geldi. 51 Isa ondan: «Seniň üçin näme etmegimi isleýärsiň?» diýip sorady. Kör adam: «Ussat, gözüm görsün» diýdi. 52 Isa hem oňa: «Bar, imanyň saňa şypa berdi» diýdi. Onuň gözleri derrew görüp, ýol bilen Isanyň yzyna düşüp gidiberdi. (Mattanyň 20:30-34)

Markusyň Hoş Habary 16:20 Olar-da çykyp, hemme ýerde wagyz edýärdiler, Reb hem olar bilen işläp, olara hemralyk edýän alamatlar arkaly Öz sözüni

tassyklaýardy. Omyn.

Lukanyň Hoş Habary 14:23 Onsoň aga hyzmatkärine: „Ýollara, haýatlara barda, adamlary güýç bilen getir, öýüm dolsun" diýýär.

Lukanyň Hoş Habary 21:15,36 Çünki Men size dil hem akyldarlyk bererin. Size garşy çykýanlaryň hiç biri muňa ne garşy durup biler, ne-de bir zat aýdyp biler. 36 Bu boljak zatlaryň baryndan gaçyp biler ýaly, Ynsan Oglunyň huzurynda durup biler ýaly, hemişe oýa bolup, doga ediň».

Ýahýanyň Hoş Habary 17:15 Olary dünýäden almagyňy däl-de, ýamanlykdan goramagyňy dileýärin.

Resullaryň Işleri 11:23 Ol gelende, Hudaýyň merhemetini görüp şat boldy, gaýduwsyz ýürek bilen Rebbe ýapyşar ýaly, hemmelere öwüt-nesihat etdi.

Resullaryň Işleri 13:48 Milletler muny eşidenlerinde şatlanyp, Rebbiň sözüni şöhratlandyrdylar. Şeýlelikde, ebedi ýaşaýyş üçin bellenenleriň bary iman etdi.

1 Korintoslylara Haty 10:13 Siz her kişiniň başyna gelýänden başga hiç bir synaga salynmadyňyz. Hudaý dogruçyldyr, Ol size güýjüňizden öte synalmagyňyza ýol bermän, döz gelip bilmegiňiz üçin, synag bilen bilelikde çykalga-da açar.

1 Korintoslylara Haty 16:9 Çünki maňa uly, iş bitiriji bir gapy açyldy, garşy çykýanlar hem köp.

2 Korintoslylara Haty 12:9 Ol maňa: «Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir, çünki Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir» diýdi. Şunuň üçin Mesihiň gudraty üstüme kölege salar ýaly, höwes bilen öz ejizliklerim hakda has hem magtanýaryn.

Efeslilere Haty 6:11 Iblisiň hilelerine garşy durup biler ýaly, Hudaýyň ähli ýaraglaryny dakynyň.

Ýewreýlere Haty 1:7,14 Perişdeler hakda: «Ol perişdelerini ýel, hyzmatkärlerini ot ýalny edýändir» diýýän bolsa, 14 Perişdeleriň ählisi gutulyşy miras aljaklara hyzmat etmek üçin iberilen hyzmatkär ruhlar dälmi näme?

Ýakubyň Haty 4:7 Birinji mahluk arslana meňzeýärdi, ikinji mahluk öküze, üçünji mahlugyň ýüzi adam ýüzi ýalydy, dördünji mahluk uçup barýan bürgüde meňzeşdi.

1 Petrusyň Birinji Haty 5:10 Mesihde Öz ebedi şöhratyna çagyran bütin merhemetler Hudaýy az wagtlaýyn görgi göreniňizden soň, sizi kämilleşdirer, berkider, güýçlendirer we gurar.

Pastor T. John Franklin
Church of Salvation, Healing, and Deliverance
COS-HAD.org